# Haýry şere öwürýän hökümdar hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Haýry şere öwürýän hökümdar hakynda hekaýat **Haýry şere öwürýän hökümdar hakynda hekaýat**



Hökümdar bir gezek metjide sary
Ugranda, ýaragly sakçylañ bary
Gyran-jyran edip adam baryny,
Köpün ýenjip, öldürip käbirini,

Nähak gana üns bermeýärmişler,
Şeýdip, geçere ýol arçaýarmyşlar.

Şol hili ýagdaýda ýenjilen bende
Şeý diýipdir oña ýeri gelende:

«Eý, emir, bu bolşuñ gabahat juda,
Gör, näçe bigünä janyndan jyda

Düşdi, señ metjide barmagyñ üçin,
Şol ýerde namaza durmagyñ üçin.

Ne bir haýyr işi öwürip şere,
Jebir-sütem kylýañ biz bendelere.

Edýän günäñ känmi ýa-da sogabyñ?
Biz däl, Hudaý sorar onuñ jogabyn». Goşgular